# Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy — parahatçylygyň we ösüşiň binýady

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän daşary syýasat strategiýasy halkara giňişlikde giň goldawa eýe bolup, hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine esaslanýar. Bu ýörelge parahatçylykly ýaşaýyş, sebitde durnukly ösüş we howpsuzlyk üçin berk binýat bolup hyzmat edýär. Soňky 30 ýylyň dowamynda Türkmenistan dünýäniň ynamdar hyzmatdaşyna öwrülip, halkara gatnaşyklarynyň işjeň agzasy hökmünde tanaldy.

Dünýä jemgyýetçiligi ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny birnäçe gezek ykrar etdi. Bu ýagdaý Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň kabul eden Kararnamalarynda hem öz beýanyny tapdy. Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty halkara hukugyň berk binýadyna daýanýar. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen üç sany Kararnama bu syýasatyň halkara derejesindäki ähmiýetini tassyklaýar.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen "Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy" atly taryhy Kararnama bilen ýurdumyz resmi taýdan Bitaraplyk derejesine eýe boldy. Bu Kararnama 185 döwletiň biragyzdan goldamagynda kabul edilip, Türkmenistanyň halkara hukuk derejesini ykrar etdi. Şeýle-de, ol beýleki döwletleri ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny we daşary syýasatdaky ýörelgelerini goldamaga çagyrdy.

Kararnama Türkmenistanyň halkara hukugyň we BMG Tertipnamasynyň ýörelgelerine laýyklykda öz daşary syýasatyny özbaşdak kesgitlemäge bolan hukugyny tassyklady. Şeýle hem, bu syýasat diňe BMG tarapyndan däl, eýsem Goşulyşmazlyk Hereketi, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly abraýly halkara düzümler tarapyndan hem goldanyldy. Bu bolsa Türkmenistanyň Bitaraplygynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan oňyn başlangyç hökmünde kabul edilýändigini görkezýär.

2015-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny ikinji gezek ykrar edýän Kararnama kabul edildi. Bu resminama ýurdumyzyň halkara hukuk derejesini berkitmek bilen bir hatarda, onuň parahatçylykly gatnaşyklary ösdürmekdäki işjeň ornuny hem ykrar etdi. Şeýle hem, Kararnama Türkmenistanyň energiýa serişdeleriniň durnukly we ygtybarly üstaşyr geçirilmegi, ulag geçelgeleriniň ösdürilmegi ýaly başlangyçlaryny goldady.

2025-nji ýylyň 21-nji martynda bolsa Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy üçünji gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasy bilen ykrar edildi. Bu resminamada ýurdumyzyň öňüni alyş diplomatiýasyndaky orny, ynsanperwerlik kömegindäki işjeňligi we sebitde hem-de dünýä derejesinde parahatçylygyň, durnuklylygyň üpjün edilmegine goşandy aýratyn nygtalýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2017-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy 12-nji dekabry “Halkara Bitaraplyk güni” diýip yglan etdi. Şeýle hem, 2025-nji ýyl “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýlip yglan edilip, bu syýasatyň ähmiýeti has-da artdy. BMG-niň çäklerinde döredilen “Bitaraplygyň dostlary” topary bolsa bu ugurda tejribe alyşmak üçin möhüm meýdança bolup hyzmat edýär.

Netijede, Türkmenistan özüniň Bitaraplyk syýasatyny diňe bir halkara kadalara laýyklykda alyp barmak bilen çäklenmän, eýsem ony dünýäde parahatçylygyň we ynanyşmagyň möhüm guraly hökmünde işjeň ösdürýär. Bu syýasat ýurdumyzyň halkara abraýyny ýokarlandyryp, dünýäde parahatçylyk döredijilikde öňdebaryjy ýurtlaryň hatarynda ornuny berkidýär.

**Güljahan MEDJANOWA**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены